# «Çöl eteginde dostlar jemlenip…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Çöl eteginde dostlar jemlenip…" ÇÖL ETEGINDE DOSTLAR JEMLENIP…

Çöl eteginde dostlar jemlenip,
Meýdan gezelenjin edipdik bellik.
Şähdi açyk gyzgyn oduñ başynda,
Çagalygy ýatlamagam hezillik.

Her kimde dürliçe pikirler döräp,
Gyzyşyp söhbetler, çaýdan süzüldi.
Birdenkä messaýy söhbetden geçip,
Dünýäniñ meselesi çözüldi.

Syýasy syn berip, ösüşler hakda
Çaklama otarlyp döredi jedel.
Kim bilýä nireden oklandy sorag?
«Haýsysy güýçlikä, Putinmi, Eden?»

…Jan ýangynly iki tarap gidişýär,
Nepsiz jedel, muny her kes bilip dur…
Ot başynda çözülmedik meselä,
Ýarym bolan gara tañka gülüp dur…

© Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular